# Adyñyz kim? / intermediýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Adyñyz kim? / intermediýa ADYÑYZ KIM?

*Ýazyjy Çary Aşyrowyñ 80 ýyllygyna*

– Adyñyz?
– Çary.
– Atañyzyñ ady?
– Aşyr.
– Çary… Aşyr. Çary Aşyr. Wiý, Siz ýazyjy Çary Aşyrowmy?
– Hut şonuñ özi.
– Onda salawmaleýkim, Çary aga.
– Waleýkim essalam…
– Neme-le, bi, näme üçin iş wagty adamlar bu ýerik, ýagny uniwersitetiñ öñüne ýygnanyşýakalar? Ýa miting-zat geçirjek bolýañyzmy?!
– Ýok, toý toýlamaga geldik.
– O nämäñ toýy? Plan dolduñyzmy?
– Ýok, plan ýañy 80 prosent boldy. Şony belleýäs.
– Bagyşlañ, hormatly ýazyjy, bu zamanlarda plan dolanyñ bilenem beýle üýşmeleñ edilmeýä. Siz-ä ýañy 80 prosent… Ýogsa-da haçan 100 prosent bolmakçy?
– 2010-njy ýylda.
– Näme-e?! Düşünmedim. «80» diýdiñiz. «100» diýdiñiz.
– Rahatlanyñ, bu ýygnanyşyk meniñ 80 ýaşymyñ toýy. Ýubileýim.
– O-ho-ow, hälden şeý diýiñ-dä. Toýuñyz mübärek bolsun! Wagtyndan öñ 100 prosent boluñ diýenim bilen Siziñ artdyryp ýazma ýol bermejegiñizi bilýän.
– Ynamyñyz üçin köp sag boluñ.
– Ýubileý dabarasynyñ öñ ýanynda Size käbir soraglar bilen ýüzlenmek mümkinmi?!
– Mümkin. Baş üstüne!
– Edebiýata goşgy bilen geldiñiz, soñam proza…
– Düşündim. Ol şeýle boldy. Uruşda meni ölümden gutaran Nina

hakynda ýazan goşgymdan köpler habarlydyr.
– «Ermeni gyzymy»? Onu ýatdanam aýdyp biljek.
– Berekella. Ynha, bir gezek Ýerewana ýygnaga gidemde, galamdaşlarymyň tagallasy bilen, öz halasgärimi tapdym duruberdim. Özem näçe ýyldan soň, how! Tolgundyryjy duşuşyk boldy. Ähli gazetlere-de iş bolduk. Açan ýeriň biziň suratymyz boldy durdy. Gelenimden soň keýwanym «Sen ýygnaga gitdiňmi, ýa…» diýip gatyrgandy. Öýümizde tüweleý turdy. Ine, şondan soňam proza geçdim.
– Düşnükli. Siz «Tokmakda-da» işlediňizmi?
– Işledim. Baş redaktor boldum.
– Şonda bir gezek siz dynç güni redaksiýa gelipsiňiz. Ertesem işgärleriňize «Näme üçin düýn işe çykmadyňyz?» diýip gatyrganypsyňyz diýýäler. Şo çynmy?
– Il diýýän bolsa ugrunda bardyr. Onsoňam «Tokmakda» gün sypdyrman işlemeseň ýetişer ýaly hem däl.
– Sizi «Tokmakdan» gyraklatdylarmy ýa-da özüňiz…
– Häzir düşündireýin. Işläm döwrümde köp tankydy materiallar bilen çykyş etdim, žurnal sahypasynda. Bir gün tokmakçylar üýşdüler-de «Çary aga, seň tankytlan zadyň bir hili düzelip barýar. Ähli zat gülala-güllük bolsa, kemçilik tapylmasa žurnaly ýaparlar. Onsoň bizem… diýip howatyrlandylar.
– Hä, onda Siz ýoldaşlaryňyzy işsiz goýmajak bolup özüňiz işsiz galypsyňyz-da.
– Menem işsiz ýatmadym. On bir roman ýazdym. Onnaň…
– Boldy, boldy. Sanamaň, göz degäýmesin.
– Ýörüň, Sizem ýubileý dabarasyna çagyrýan.
– Eliň boş gelşiksiz bolaýmasyn.
– Jübiň boş bolmasa bor, baryber.
– Onda ýubileý dabarasyna barmazdan burun, Size bir etjek arzuwym bar. O ýerde bize gezek ýetermi, ýetmezmi, belli däl.
– Iki gulagym sizde.
– Haçan 100 prosent bolarkaňyz diýip 2010-njy ýyla çenli garaşyp ýörmäň. Siziň on tomlugyňyzy çykarsynlar!
– Agzyňyzdan neşirýatçylar eşitsin.

Täçmämmet JÜRDEKOW. Satiriki hekaýalar